***Häzirki döwürde ýurdumyzyň medeniýet ulgamyny ösdürmäge, medeni edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da berkitmäge, döredijilik işgärleriniň çekýän asylly zähmetini höweslendirmäge uly ähmiýet berilýär. Şu jähetden, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 22 — 27-nji iýunynda Ahal welaýatynda geçirilen Medeniýet hepdeligi möhüm taryhy wakadyr.***

Hepdeligiň çäklerinde geçirilen çäreler opera, aýdym-saz, kino we teatr, şekillendiriş, amaly-haşam sungaty, edebiýat, halk döredijiligi ýaly häzirki zaman türkmen medeniýetiniň ähli ugurlaryny özünde jemledi. Şoňa görä-de, giň gerimli medeni çäre halkymyzyň sungatynyň we medeni mirasynyň köpöwüşginliligini beýan edýän wakalara baý boldy. Olaryň hatarynda çagalar döredijilik toparlarynyň «Parahatçylygyň waspçylary» atly konsertini, «Baky Bitaraplyk — dillerde dessan» atly şygryýet agşamyny, Kaka etrabynyň medeniýet öýünde görkezilen «Şükür bagşy» atly sahna oýnuny, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, ýurdumyzyň welaýatlarynyň medeniýet, sungat işgärleriniň konsertlerini, «Türkmenistan — ÝUNESKO: Diýardan ýaýran ýollar» şygary astynda «Asyrlara ýaň salýan dessançylyk sungaty» ady bilen guralan dutar we beýleki milli saz gurallarynyň sergisini, dessançy bagşylaryň konsertini görkezmek bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda her ýyl guralýan bu döredijilik çäresi milli medeniýetimizi gorap saklamaga, çuňňur öwrenmäge we wagyz etmäge, onuň döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşinde barha artýan ornuny, ägirt uly mümkinçiliklerini açyp görkezmäge gönükdirilendir. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, «Medeniýet milletiň döredijilik kuwwatydyr! Sungat medeni-ruhy gymmatlyklarymyzyň özboluşly dabaralanmasydyr! Edebiýat edebi gymmatlyklaryň ebedi hazynasydyr!».

**Güljan ORAZNEPESOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.01.2026